# Birinji derejä göterilmek gury hyýalmy?

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Birinji derejä göterilmek gury hyýalmy? BIRINJI DEREJÄ GÖTERILMEK GURY HYÝALMY?



*Illýustrasiýa: Joui Gidone*

Içerde millionlarça adam ilkibaşda gün-güzeran derdi, soňam ýaşaýşyň gymmatlygy, yzy üzülmeýän gymmatlaşyklar, ýaşaýyş jaý tölegleriniň artmagy, täze salgytlar, okuw harçlary ýaly müň dürli mesele bilen gidişip ýörkä, biz daşardan seredende düýbünden başga hili Türkiýäni görýäris:

Günbatar ýaranlygyndadygyna garamazdan ýeri gelende we gerek bolanda ABŞ-dyr ÝB-niň gaňryşyna gaýdýan, Russiýa bilenem Ukraina bilen gatnaşyk saklaýan, ondan gowrak ýurtda harby baza we goşun saklaýan, soňky ýyllarda harby-goranyş

senagatynda öňegidişligi bilen hemmeleri agzyna aňk eden, Afrikada Fransiýadyr Angliýa ýaly ýurtlaryň öňüni kesen we olardan rol ogurlaýan, regional güýjüň ýetjek derejesine ýeten Türkiýe…

Türkiýe üç ugurda hakykatdanam dünýäni agzyna aňk eden we haýran galdyran sepgide ýetdi.

Bulardan birinjisi soňky birnäçe ýylda harby-goranyş senagatynda bolup geçen üýtgeşmeler. Türkiýäniň bu ugurdaky ýeten üstünligi häzir hemmeleriň dilinde.

Amerikan guramalarynyň biriniň çap eden soňky habarnamasynda Türkiýe uçarmansyz istrebitelleri (UI) we dronlary eksport etmekde Hytaýdan we ABŞ-dan ozup dünýä boýunça birinji orna ýetipdir.

Ýadyňyza salyň, mundan 15 ýyl öňem Türkiýe dron satyn almak üçin ABŞ-dyr Ysraýylyň gapysyny kakýardy.

Häzir bolsa UI-ler we dronlar, raketalar, tanklar, bronemaşynlar, wertolýotlar ýaly harby-goranyş senagatynyň önümlerini otuzdan gowrak ýurda özi satýat.

Ikinji üýtgeşme saglygy goraýyş ulgamynda gazanylan ösüşler. Häzir Türkiýede saglyk turizmi pajarlap ösýär.

Ýewropadan, Russiýadan, Arap ýurtlarynda saglyk turizmi üçin ýolagçy uçarlary hyryn-dykyn dolup Türkiýä gelýär. Gelýänleriň kimsi saç ekdirýär, kimsi dişinu bejerdýär, kimsi-de estetiki operasiýa etdirýär. Bu boýunça işi düşüp gelen myhmanlar baha taýdanam, hyzmat edişleri taýdanam ýurdumyzdan göwnühoş bolup gaýdýarlar.

Üçünji ugur bolsa kinomatografiýa we serial pudagy. Häzir Türkiýe 100-den gowrak ýurda serial satýar.

Meksikadan Braziliýa, Päkistandan Gazagystana, Dubaýdan Liwiýa çenli birnäçe ýurtda türk seriallaryna tomaşa edilýär. Hatda köp ýurtda adamlar agşamky iş režimlerini we dynç alýan wagtlaryny türk seriallarynyň ýaýlyma berilýän sagatlaryna görä kesgitleýär.




Ýadyma düşýär, 2020-nji ýylda Owganystanda oba arçynlarynyň biri «WhatsApp» toparyndaky ýazyşýan tanyşlaryna şeýle sms ýazypdy: «Şu gün agşam meni hiç kim bimaza etmesin, «Direliş. Ärtogrulyň» täze seriýasyna tomaşa etjek».

Bu üç ugurda gazanylan üstünlik türk raýatlaryny buýsandyrmazça däl.

Diýmek, eger Türkiýe islese dünýä derejesinde alkyş okamaga mynasyp gowy işleri oňaryp bilýän eken.

Käşgä, Türkiýe hemme ugurda şular ýaly bolaýsady… Gaýtam tersine, «ýa demrinden ýa kömründen» diýlişi ýaly dogry-dürs ýöredip bilmeýän, has takygy elimize-ýüzümize bulaşdyran birgiden ugur bar Türkiýede.

Elbetde, bularyň başynda hukuk gelýär. Türkiýe respublikasynyň gurulmagynyň üstünden ýüz ýyldan gowrak wagt geçendigine garamazdan şindizem hakyky manydaky demokratik hukuk döwleti

bolup oňaranok. Kagyz ýüzünde hemme zat gülala-güllük ýaly, emma oňa gyşarnyksyz amal edýän hukuk döwletinden welin atgaýtarym daşda gezip ýörüs.

Göräýmäge hemmeler kanunyň öňünde deň, emma köp iş bu ýurtda tanyş-biliş, jaň, garyndaşlyk gatnaşyklary bilen bitirilýär. Şonuň üçinem Türkiýede ýönekeý raýatlar häkimiýeti elinde saklaýan, wezipeli adamlar bilen ýakyn gatnaşyk saklamaga ymtylýarlar. Sebäp olar birdenkä başlaryna iş düşende özüni halas etjegiň hereket edip duran kanunlar däl-de, wezipeli-ygtyýarly adamlar bilen açan gatnaşyklary we dostluklary boljakdygyny bilýärler. Şeýdibem pul berip wezipe satyn almak we tanyş-bilişparazlyk bu ýurtda hemmeleriň bilýän, makullaýan hemişelik däbine öwrülip barýar.

Häkimiýetde haýsy partiýa otursa oturybersin, bu däp hemme döwürde eserdeňlik bilen we üstünlikli dowam etdirilýär.

Türkiýäniň özüni juda ýaramaz görkezýän ikinji ugry ykdysadyýet. Gynansak-da, Türkiýe ençeme ýyl bäri inflýasiýa bilen gidişýär we güzeran gaýgysy bu ýurtda hroniki problema öwrüldi. Munuňam sebäbi önümçilige esaslanýan ykdysady syýasatynyň ýoklugy, kök uran pul berip işiňi bitirtmek we wezipe satyn alma keselinden ýaňa işiň işbaşarjaň adamlara tabşyrylmaýandygy, munuňam netijesinde önümçiligiň we hiliň pese düşmegi we girdeji paýlanyşygynyň bozulmagy.

Häzir Türkiýede döwletiň buýurýan gurluşyk we beýleki taslamalarynyň köpüsini ýa-da hemmesini il arasynda «bäşli banda» diýlip tanalýan bäş uly firma alýar. Häkimiýet bilen ýakyn gatnaşyk saklaýan firmalaryň-a jübüsi galňaýar, beýlekilerem batman-etmän zordan işleýär. Gazanany bezenenine ýetmän batýanlary we firmany ýapýanlary-da az däl. Munuň özi baýlygyň belli-belli adamlaryň elinde jemlenmegine we ýurtda ykdysady deňagramlylygyň bozulmagyna getirýär.

Türkiýäniň kemçilikli üçünji ugry bilim sistemasy. Ýurtda täze-täze mekdepleriň we hususy uniwersitetleriň açylýandygyna garamazdan bilimiň hili barha pese gaçýar. Edil häzir Türkiýede 200-e golaý ýokary okuw jaýy bar. Bularyň arasynda lap urup çaklanymyzda ona golaý uniwersitet Günbatar ülňüsinde, galanlary bolsa Päkistan we Bangladeş ülňülerinde bilim berýär.

«Doktor», «dosent», «professor» ýaly atlar dagy çem gelene berilip ýör. Binalaryň arasyndaky kiçi jaýlarda gysga wagtlaýyn we dil kurslarynyň açylyşy ýaly uniwersitetler

açylýar. Bu uniwersitetleri tamamlan ýaşlaryñ 95%-i harp ýalñyşsyz ýeke sahypa ýazgy-da ýazmagy oñarmaýar.
Ýakynda hususy uniwersitetleriñ birinde doktorlyk dissertasiýasyny goran daşary ýurtly tanşymdan türk dilinde ibaly gepläp bilmeýändigine garamazdan nädip okuwy tamamlandygyny soranymda, ol köpmanyly ýylgyryp «Emeli añyñ jany sag bolsun, islän zadymy öz dilimde ýazýaryn, emeli añ terjime edip berýär. Soñ türk tanyşlarymyñ biriniñ eline berýärin, ol hem ownuk-uşak düzedişlerini girizýär. Şeýdibem işimi bitirýärin» diýdi.
Gaty köp adam Türkiýäni gör nähili ýurtdyr öýdýär.
Hawa, hawa, ol hakykatdanam pikir edilişi ýaly ýurt: bir ýandan-a käbir ugurlarda görkezýän adatdan daşary üstünlikleri bilen dünýäni agzyna añkardýar, daşary ýurtlularyñ göwnüni awlaýar we alkyşyny gazanýar, bir ýandanam akla-huşa sygmajak bolgusyzlyklary bilen Owganystan, Päkistan, Bangladeş ýaly üçünji derejeli ýurtlary ýada salýar.
Eýsem-de bolsa, Türkiýe Atatürküñ kesgitlän ösen medeniýet derejesiniñ üstüne çykmak, has dogrusy Germaniýa, Ýaponiýa ýaly dünýäniñ birinji üç-dört ýurdunyñ hataryna goşulmak üçin näme etmeli?
Aslynda etmeli zat belli. Ýoluñ ugrundaky päsgelçilikleri aradan aýyrmaly. Päsgelçilikleri aradan aýranyñyzda barmaly menziliñize gaty çalt ýetip bolýar.
Ýeke pursatlyk üçin ýazgymyñ başynda aýdyşym ýaly harby-goranyş senagatynda, kinomatografiýa-serial sungatynda, saglygy goraýyş ulgamynda ýeten üstünligini hukuk, ykdysadyýet, bilim ulgamynda hem ýetilendigini göz öñüne getirip görüñ. Başgaça aýdylanda Türkiýede-de edil Germaniýada bolşy ýaly hemmeler kanunyñ öñünde berjaý edilişinde hem deñ bolsun, tanyş-bilişsiz iş ukybyna görä iş tapsyn, iş oñaryşyna görä aýlyk alsyn, bilim edaralary-da edil Şwesiýada ýa-da Norwegiýada bolşy ýaly ýokary hilli bilim bersin. Şeýle bolan ýagdaýynda Türkiýäniñ häzirki önümçiligi on esse ýokarlanar, adamlar edil Günbatarda bolşy ýaly has bol-elin we bagtyýar durmuşda ýaşamaga başlar.



*Suratda: Dünýä belli türk alymlary (çepden saga) Halil Inaljyk, Ugur Şahin, Özlem Türeji, Aziz Sanjar*

Ýatdan çykarmañ, eger biz çynymyz bilen islesek, iñ ösen ýurtlardanam has gowy üstünlige ýetip we dünýäni özümize añk edip bilýäris. Dünýäniñ dürli ýurtlarynda işleýän türk alymlary adamzada peýdaly oýlap tapyşlary edýär, ylmy-barlag işlerini geçirýär, munuñ üçin Nobel baýragyna mynasyp bolýar.
Diýmek, gerekli tagallany edip bilenimizde we dogry ýoldan ýöränimizde bizem käbir zatlary edip bilýäris.
Bir etmeli zat bar, olam – dogry işleri edip we hemmelerden köp işläp kemçiliklerimizi düzetmek, agsaýan ýerlerimizi bilmek we hemişe yzyndan içimizi çekip atman bilen seredýän birinji derejeli ýurtlaryñ yzyndan ýetmek.
Beýle bolýan bolsa, nämä durus?!.

Esedulla OGUZ,
Germaniýada ýaşaýan türkiýeli türkmen žurnalisti.

Duşenbe, 11.11.2024 ý. Publisistika